# Dünýä baýlygynyñ ýarsyndan gowragy bäş-on sany adamyñ elinde

Category: Kitapcy,Maliýe we ykdysadyýet,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Dünýä baýlygynyñ ýarsyndan gowragy bäş-on sany adamyñ elinde
DÜNÝÄ BAÝLYGYNYÑ ÝARSYNDAN GOWRAGY BÄŞ-ON SANY ADAMYÑ ELINDE




*«- Eger musulmanlaryñ ýaşaýan şäherinde garyp görseñiz, onda şol şäheriñ ýolbaşçylarynyñ halkyñ emlägini ogurlaýandygyny biliñ…»*
– Bir garyp aç bolsa, munuñ sebäbi baýlaryñ keýpi-sapa içre ýaşamagydyr…
Nirede elpe-şelpelik görsem, onuñ ýanynda hökman… kişi hakynyñ iýilýändigini görýärin».
**Hezreti Aly (r.a.)**

«Oksfam» baýlaryñ we garyplaryñ arasyndaky aratapawut artdygyça birinji trillioneriñ öñümizdäki on ýylyñ dowamynda orta çykjakdygyny aýdýar

Dünýä ilatyñ iñ baý 1%-i aksiýa kagyzlarynyñ we

obligasiýalarynyň ýany bilen hususy firmalardaky aksiýalar bilen bir hatarda ähli global maliýe gorlarynyň 59%-ni elinde saklaýar.
Birleşen Korollykda ilatyň iň baý 1%-lik gatlagy 1,8 trillion sterlinge (2,2 trillion dollar) barabar ähli maliýe baýlyklarynyň 36,5%-ni elinde saklaýar. Dünýäniň iň baý bäş adamy 2020-nji ýyldan bäri baýlyklaryny iki essedenem köp artdyryp 681,5 milliard sterlinge (867,9 milliard dollar) ýetirdi. Dünýämiň iň garyp 60%-lik gatlagy (5 milliarda golaý adam) bolsa gaty köp pul ýitirdi. Dünýäniň iň baý adamlary Bütindünýä Ykdysady forumynyň syýasy liderlerden, kompaniýalaryň başlyklaryndan we superbaýlardan ybarat ýyllyk ýygnanşygyna gatnaşmak üçin 2024-nji ýylyň 15-nji ýanwarynda Şweýsariýanyň Dawos şäherine jemlenişmegi meýilleşdirilip ýörkä, şeýle maglumatlar «Oksfam» tarapyndan çap edilen habarnamada berildi.
Habarnamada baýlaryň we garyplaryň arasyndaky aratapawudyň artjakdygy we munuň birinji trillioneriň öňümizdäki on ýylyň dowamynda orta çykmagyna sebäp boljakdygy barada aýdylýar. Şol bir wagtyň özünde häzirki ýagdaýlaryň dowam eden ýagdaýynda global garyplygy ýene 229 ýyllap aradan aýryp bolmajakdygy duýdurylýar.




- **Milliarderler 3,3 trillion dollar has baý**

Deñsizlikde kowid ýokanjyndan bäri düýpli artyşlaryñ bolup geçendigine ünsi çeken «Oksfam» dünýädäki milliarderleriñ 2020-nji ýyla garanda 2,6 trillion sterling (3,3 trillion) has baýandygyny we baýlyklarynyñ inflýasiýa derejesinden üç essedenem köp çalt artandygyny aýdýar.
«Kompaniýalaryñ arasyndaky deñsizlik» atly habarnama dünýä derejesinde millionlarça işçiniñ ýaşaýyş-durmuş ülñüleriniñ pese düşendigine garamazdan, dünýäniñ iñ baý 10 kompaniýasyndan ýedisinde direktor ýa-da esasy aksioner

hökmünde bir milliarderdiñ bardygyny orta goýdy. Habarnamanyñ görkezijileri «WealthX» barlaglar firmasynyñ maglumatlaryna salgylanyp taýýarlandy. «Tesla»-nyñ direktory Ilon Mask, «Louis Vuitton» toparynyñ düýbüni tutujy başlygy Bernard Arnault, Amazon.com-yñ başlygy Jeff Bezos, «Oracle» şereketiniñ düýbüni tutujy başlygy Larri Ellison, «Meta» kompajiýasynyñ direktory Mark Zukerberg ýaly dünýäniñ iñ baý bäş adamynyñ umumy baýlygynyñ 464 milliard dollar, ýagny 114% artdy. Dünýä ilatynyñ 60%-ni düzýän iñ garyp 4,77 milliard adamyñ umumy baýlygy bolsa 0,2% pese düşdi.
Habarnamada «Dünýäniñ hemme ýerinde adamlar köplenç tehniki howpsuzlyk düzgünleriniñ ýola goýulmadyk goragsyz we ygtybarsyz işlerinde gereginden artyk we has köp sagatlap işledilýär» diýilþär. 52 ýurtda 800 milliona golaý işçiniñ hak-heşdegi pese düşdi. Jemi alanda bu işçiler soñky iki ýylda 1,5 trillion dollar ýitirdi, bulam her işçi başyna 25 günlük hak-heşdek ýitgisine deñ bolýar.




**• 148 kompaniýa 1,8 trillion dollar girdeji gazandy**

Habarnamada aýratynam, ýaşaýyşyň gymmatlygy krizisiniň ortasynda maşgalalaryň üstündäki basyşlara garamazdan söwda girdejileriniň görnetin artandygy aýdylýar. Munuň bilen bilen birlikde dünýäniň iň uly kompaniýalarynyň 148-niň 2023-nji ýylyň iýun aýyna çenli jemi 1,8 trillion dollar nagt girdeji gazanandygyny we munuň 2018-2021-nji ýyllardaky ortaça nagt girdeji bilen deňeşdirilende 52%-lik artyşyň bolandygyny aňladýandygy aýdyldy.

Işçileriň, kompaniýalaryň başlyklarynyň we superbaýlaryň

arasyndaky deňeçerligi saklamak üçin baýlyk salgydynyň ýola goýulmagyna çagyrýan habarnamada iňlis millionerlerine we milliarderlerine gönükdirilen beýle salgydyň 10 million sterlingden (12,7 million dollar) geçýän nagt baýlyk üçin 1-2% derejesinde ýerine ýetirilen ýagdaýynda býužete her ýyl 22 milliard sterling (28 milliard $) girjekdigi aýdylýar.
Emläk salgydy üçin kampaniýa ýöredýän, partizan däl iňlis millioner topary bolan Birleşen Korollygyň Döwlet Millionerler toparynyň maýa goýumçysy we düýbüni tutujy agzasy Ýuliýa Dewis «The Guardian» gazetine habarnamanyň netijeleri boýunça beren düşündirişinde baýlykdan alynýan salgytlatyň işden gazanylýan girdejilerden alynýan salgytlar bilen deňeşdirilende «minimum» derejededigini aýdýar.
Dewis «Jemgyýetçilik işlerine we infrastrultura çykarylýan 22 milliard sterlingiň (28 milliard dollar) nämä deň boljakdygyny göz öňüne getiriň» diýip, sözüniň üstüni ýetirýär. Britaniýada ýaşaýan hemmeleriň durmuşynyň gowulandyrylmagy we garrylara, ýaşlara we howandarlyga mätäç adamlara mätäçlik duýýan we mynasyp esewanynyň hem-de hemaýatynyň ýola goýulmagyna çagyrdy.




- **Global girdeji deňsizligi**

Oksfam deňsizligi soňky Jini koeffisiýenti görkezijileriniň global girdeji deňsizliginiň indi dünýädäki iň ýokary deňsizlik ýagdaýyna eýe ýurt bolan Günorta Afrikadaka meňzeşdigini ýüze çykarandygyny aýdýar.
«Oksfamyň» wagtlaýyn başlygy Alima Şiwji «Bu öte geçmeleri täze norma hökmünde hasaplap bolmaz, sebäp dünýä ýene bir on ýyla bu aratapawudy göterip bilmese gerek. Iň garyp ýurtlardaky garyplyk pandemiýadan öňki döwüre garanda has ýokary. Emma az sanly superbaýlar öňümizdäki on ýylyň dowamynda dünýäniň birinji trillioneri bolmak üçin bäsleşýär» diýýär.
Şeýle-de, «Baýlar bilen ilatyň yza galan böleginiň arazyndaky bu çuňalýan aratapawut tötänlik bolmaýşy ýaly, gutulgysyz hem

däl. Ýüz millionlarça adam garyplykda ýaşap ýörkä, dünýäniň çar künjündäki hökümetler baýlygyň bular ýaly adalatsyz bölünişigini aňsatlaşdyrýan we gylawlandyrýan bilkastlaýyn syýasy saýlawlary geçirýär» sözlerine ýer berdi.




- **Jemleme ýerine**

Sözüniň soňunda ol: «Has adalatly ykdysady düzgüni ýola goýubam bolýar. Munuň özi hemmämiziň peýdasyna işleýän ykdysadyýet bilen mümkin. Munuň üçinem amatsyz şertliler üçin däl, hemmeler üçin has adalatly has goldaýjy görkezijileri ýola goýýan koordinirlenen syýasatlara mätäçlik duýulýar» diýdi.

Taýýarlan Guwanç MÄMILIÝEW.

Sişenbe, 16.01.2024 ý. Maliýe we ykdysadyýet